# Bu gijeler Sensiz…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bu gijeler Sensiz…




* * *
Bu gijeler sensiz şeýle bir tukat,
Bu gündizler sensiz juda sus maña.
Içimde gaý gopýar, daşymda tupan,
Düz ýollarda büdräp barýan gussama.

Indi ýodajygym ýollara salman,
Gutararly şol inçelip-inçelip,
Otyryn seni däl, özümem tapman,
Gadyrlynyñ gadyryny giç bilip.

* * *

Derýanyñ añyrsy möwç urýan deñiz,
Oñ kenary hasam saýaly, salkyn.
Mukama öwürýär ýyljajyk demiñ,
Bäri gelip, añry gidýän gom-tolkun.

Deñziñ-de añyrsy okean, umman,
Bäri sürüp gelýär tolkun, gom baryn.
Tolkunlara garap sen näme dymýañ?
Gark eder öýdýäñmi meniñ ummanym?!

* * *

Men seniñ alnyñda Dañ,
Ýagtylar-ýagtylmaz,
atar hem atmaz.

Men seniñ alnyñda Gün,
Dogar-dogmaz,
Tutup bolmaz öñün.

Gijeler asmandan Zemine düşen
Bir dolan Aý,
bir dolmaz Aý,
ne ýere düşen,
ne-de düşmedik.
Seniñ bilen görşen
hem görüşmedik.

Men seniñ alnyñda Ýyldyz.
Agşam görnüp,
görünmez gündiz.

Men seniñ alnyñda Şapak.
Çogly hem solgun.
Düşermi aşak,
düşmezmi, näbiljek.
Özümem bilmen.

Men seniñ alnyñda Bu gün,
Näbelli geljek.

* * *

Belki, yzym galar bu ýol ýakada,
Belki, söz ýolunda agsaýandyryn.
Belki, işem eden däldirin oñly.
Belki, bir zatlary seniñ hakynda
Oýlana-oýlana agtarýandyryn,
Saña ýakyn tutjak bolup bu Köñli.

Gowşut ŞAMYÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Goşgular